# Perizat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Perizat PERIZAT



Synasy röwşendir, göwsi jöwherden,
Lebi lagyl, sadap dişleri dürden,

Jan algyjy jellat gözi hanjardan,
Endamyna nur çaýylan perizat.
Aşyga ot salar kereşme, näzi,
Dertli gula derman bilbil owazy,
Kä açar sen gamdan jennetiň ýazy,
Kä ýylgyryp, bagrym dilen perizat.

Ölüm bolmaz aby-haýat içene,
Lebiň sorup, inçe bilden guçana,
Toba kyldym derzaýyňy biçene,
Nusga bolup, dünýä gelen perizat.

Barabarlyk ýokdur lyka Saýathan,
Goýnuň bagy-erem, jennetil-bossan,
Gören eder arman üstüne arman,
Synama yşk odun salan perizat.

Bir göreni köýdir nurdan alkymy,
Yşka ataş salar ýüznüň ýalkymy,
Yaňagy bal-şerbet, üzüm salkymy,
Derde dowa-däri bolan perizat.

Ismiň üç harp: üç lam, bir elip, dört käp,
Han enar sypatly, husnuň mahy-tap,
Aşyky diýr, boldum yşkyňda kebap,
Jellat gözli, janym alan perizat.

Oraz AŞYKY Goşgular